***27-nji dekabrda Daşkentde Türkmenistanyň ilçihanasynyň işgärleri üçin täze ýaşaýyş jaýy dabaraly ýagdaýda ulanylmaga berildi.***

Täze jaýda mebeller, zerur öý enjamlary, kondisioner we ýyladyş ulgamlary bilen üpjün edilen 12 sany gowulandyrylan meýilnamaly kwartira bar. Ýanaşyk ýerde çagalar oýun we sport meýdançalary ýerleşýär. Gurluşyk işlerini türkmen kompaniýalarynyň biri ýerine ýetirdi. Dabara Türkmenistanyň DIM-niň başlygynyň orunbasary Ahmet Gurbanow, Özbegistanyň dürli ministrlikleriniň we edaralarynyň wekilleri, birnäçe daşary ýurt döwletleriniň ilçileri, türkmen talyplary gatnaşdylar.

Çärä gatnaşyjylar, Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Şawkat Mirziýoýew, şeýle hem Gahryman-Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan alnyp barylýan syýasatyň netijesinde, Aşgabat bilen Daşkent arasyndaky hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini bellediler.

Все права защищены

save pdf date >>> 31.01.2025